**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– ÝURDUMYZDA ALNYP BARYLÝAN ÄHLI IŞLERIŇ DÜÝP ÖZENI HALKYMYZYŇ ŞU GÜNI WE NURANA GELJEGI BABATDA MÖHÜMDIR.**


ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

27-nji iýun, 2023. Belgisi 26/1540


# ULAG-LOGISTIKA HYZMATLARY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

**24-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilelikde Aşgabat şäheri boýunça iş saparyny amala aşyryp, paýtagtymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen tanyşdylar.**



Ir bilen Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Serdarymyz bilelikde paýtagtymyzyň Halkara howa menziliniň çäklerinde ýerleşýän täze desgalar bilen tanyşdylar. «Türkmenhowaýollary» agentliginiň ýolbaşçysy D.Saburow desgalaryň enjamlaşdyrylyşy hem-de uçarlara tehniki hyzmatlaryň ýola goýluşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde «Türkmenhowaýollary» agentliginiň maddy-enjamlaýyn binýady toplumlaýyn pugtalandyrylýar. Düzümiň tehniki parkynyň üsti täze, häzirki zaman uçarlary bilen ýetirilýär. Ýeri gelende aýtsak, ýakynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyza 2 sany «Airbus A330-200P2F» kysymly ýük uçary gelip gowuşdy. Bu görnüşli uçarlar Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji gezek ulanylýar. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda ýene-de 7 sany uçaryň satyn alynmagy meýilleşdirilýär.

Howa menziliniň çäginde ýerleşýän angarlar dürli görnüşli uçarlary degişli derejede saklamak we olary tehniki hyzmatlar bilen üpjün etmek üçin niýetlenendir. Munuň özi ýük we ýolagçy uçarlarynyň tehniki ýagdaýyny yzygiderli gözegçilikde saklamaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz bu desgalaryň gurluş aýratynlyklary, olaryň enjamlaşdyrylyş derejesi bilen içgin gyzyklandylar. Bellenilişi ýaly, bu ýerde alnyp barylýan işleriň, tehniki hyzmatlaryň häzirki zamanyň talaplaryna hem-de ýokary halkara görkezijilere laýyk gelmegi ugrunda zerur tagallalar edilýär. Bu bolsa uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bir hatarda, uçarlaryň uzak möhletleýin esasda ulanylmagynyň baş şertini emele getirýär.

Döwlet Baştutanymyz häzirki zaman uçarlarynyň tehniki görkezijileriniň ýokary halkara talaplara laýyk gelýändigini, şunda degişli tehniki kadalaryň berk berjaý edilmelidigini belläp, bu babatda agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi. Şol bir wagtyň özünde, ýolagçylara edilýän hyzmatlaryň hilini we derejesini ýokarlandyrmak, gullugyň işgärleriniň hünär derejesini kämilleşdirmek meseleleri yzygiderli üns merkezinde saklanylmalydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň oňyn syýasaty esasynda Türkmenistan sebit we yklym ähmiýetli möhüm ulag hem-de logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny pugtalandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň degişli düzüminiň dünýäniň ulag ulgamyna yzygiderli goşulyşmagyny üpjün etmek, Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça raýat awiasiýasynyň işini mundan beýläk-de ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri çözmek babatda netijeli çäreler görülýär. Munuň özi ýükleriň daşalmagyny, ýolagçylaryň gatnadylmagyny has-da işjeňleşdirmäge hem-de olaryň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýär.

### SANLYLAŞDYRYLAN DIKUÇARLARYŇ TÜRGENLEŞIK NOKADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe kiçi görnüşli uçarlaryň we häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän döwrebap dikuçarlaryň netijeli ulanylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dikuçarlaryň ýagdaýy, olara edilýän tehniki hyzmatlar bilen gyzyklandylar.

Döwletimiziň häzirki zaman uçarlarynyň, şol sanda dikuçarlaryň satyn alynmagyna, milli raýat awiasiýasynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegine, halkara howa ýük we ýolagçy gatnawlarynyň artdyrylmagyna, şol sanda durmuş hem-de hojalyk maksatly wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine möhüm ähmiýet berýändigini bellemeli.

Soňra döwlet Baştutanymyz hem-de Gahryman Arkadagymyz dikuçarlaryň türgenleşik nokadyna gelip, geljekki uçarmanlary taýýarlamak üçin niýetlenen döwrebap, sanlylaşdyrylan ýörite türgenleşik tehnologiýasynyň aýratynlyklaryny synagdan geçirdiler.

Bu türgenleşik nokadynda ornaşdyrylan, kämil kompýuterleşdirilen dikuçar tehnologiýasy degişli hünärmenleri taýýarlamakda hormatly Prezidentimiziň döredip berýän giň mümkinçilikleriniň aýdyň subutnamasydyr. Dikuçary dolandyrmak üçin ähli enjamlary özünde jemleýän uçar kabinasy uçary herekete girizmekden başlap, asman giňişliginde nähili dolandyrylmalydygy we ony ýere gondurmagyň ugurlary babatda giň maglumatlar toplumyny berýär. Şundan ugur alyp, bu ýerde uçarmanlar hünär derejesini ýokarlandyrmaga amatly şertlere eýedirler. Hormatly Prezidentimiz hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow türgenleşik nokadynyň mümkinçilikleri bilen tanyşlykdan soňra, «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Hökümet awiasiýa toparynyň binasyna bardylar. Bu ýerde zähmet çekjek agentligiň hünärmenleri üçin ýaşamak, dynç almak, hünär derejelerini kämilleşdirmek üçin ähli şertler göz öňünde tutulypdyr. Döwlet Baştutanymyz hem-de Gahryman Arkadagymyz binanyň içinde ýaşamak, dynç almak üçin niýetlenen otaglar bilen tanyşdylar.

Gahryman Arkadagymyz bu ýerde döredilen döwrebap ýaşaýyş binasynyň işgärleriň eşretli durmuşyny üpjün etmek bilen bir hatarda, olaryň öz işlerine bolan yhlasyna güýç-kuwwat berjekdigini, ruhubelentligini artdyrjakdygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz alnyp barylýan ähli işleriň düýp özeniniň halkymyzyň şu güni we nurana geljegi babatda möhüm ädimlerdigini bellemek bilen, mundan beýläk-de «Türkmenhowaýollary» agentliginiň maddy-enjamlaýyn binýadynyň ýokarlandyryljakdygyny nygtady.

### SÖWDA WE DYNÇ ALYŞ MERKEZINIŇ GURLUŞYGY DOWAM EDÝÄR

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň işewürlik, medeni dynç alyş merkeziniň emele gelýän demirgazyk böleginde gurulýan söwda we dynç alyş merkeziniň ýanyna geldiler. Bu ýerde gurluşygy alnyp barylýan desgalaryň we durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän toplumlaryň taslamalarydyr çyzgylary görkezildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk we senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow bu ýerde alnyp barylýan işler, gurulýan binalaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy baradaky hasabatyň çäklerinde paýtagtymyzda gurluşygy dowam edýän binalaryň we durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň taslamalaryny, olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylaryny görkezdi.

Bellenilişi ýaly, bu ýerde köpugurly söwda we dynç alyş merkeziniň gurluşygy dowam edýär. Täze toplumyň çäklerinde bassyrmaly çaýhana, awtoduralga, işewürlik merkezi, buz-oýun meýdançasy, toý mekany ýerleşdiriler. Şeýle hem dükanly ýerasty geçelgeler gurlar. Munuň özi durmuş ulgamyna degişli desgalaryň gurluşygynyň toplumlaýyn görnüşde ýerine ýetirilýändiginiň aýdyň beýanydyr. ■2

## Arkadag şäheri — täze eýýamyň beýik eseri

Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen we yzygiderli üns-goldaw bermeginde gurluşygyna 2019-njy ýylda badalga berlen, ýurdumyzdaky ilkinji «akylly» şäher bu günki gün örän owadan keşbe eýe boldy. Mälim bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň gurluşygy iki tapgyrdan ybarat bolup durýar. Häzirki wagtda onuň birinji tapgyrynyň gurluşygy tamamlandy we açylyş dabarasyna giň gerimde taýýarlyk görülýär.

### ILKINJI TAPGYRDA 336 BINA ULANMAGA BERLER

Ýurdumyzda bina edilen ilkinji «akylly» şähere Arkadag adynyň dakylmagy bolsa, halkymyzyň isleg-arzuwynyň wysal tapmasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň daşyna berk jebisleşen ruhubelent halkymyz ýene-de sanlyja günden täze şäheriň açylyş dabarasyna şaýat bo-



lar, ençeme maşgalalar ol ýerde jaý toýlaryny toýlar, bagtyýar ildeşlerimiziň uly toparyna ýokary amatlykly şertlerde işlemek bagty miýesser eder. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýakyn günlerde ulanmaga beriljek Arkadag şäheri döwrebap desgalary bilen taryhymyzyň altyn sahypalaryna ýazylar.

«Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda jemi 336 sany döwrebap desga bina edildi. Şolaryň arasynda iki we köp gatly ýaşaýyş jaýlary, jemgyýetçilik, bilim, saglygy goraýyş hem-de medeni maksatly binalar, sport desgalary, inženerçilik ulgamlary bar. Arkadag şäheri häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriniň biri boldy.

### ARKADAG ŞÄHERI – AHALTEKE ATÇYLYGYNYŇ MERKEZI

Şu günler türkmen döwletiniň täze döwrüniň esasy ösüş merkezleriniň birine öwrüljek Arkadag şäheriniň açylyş dabarasyna giň gerimde taýýarlyk görülýär. ■2

## TOÝ TOÝLANÝAR MEDENIÝETIŇ ŞANYNA

Milli medeniýetimizi ösdürmek Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Halkymyzyň medeni gymmatlyklaryny içgin öwrenmek, döwrebap kämilleşdirmek jemgyýetimiziň ruhy kuwwatyny artdyrmagyň netijeli guralydyr. Garaşsyz Türkmenistanda syýasy özgertmeleriň durmuşa geçirilmeginde medeniýetiň we sungatyň möhüm orny eýeleýändigini halkymyzyň geçen taryhy ýoly aýan görkezýär. Ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleri, eziz Watanymyzda dowam edýän bagtyýar ýaşaýşy wasp etmekde, halkymyzyň baý medeni mirasyny dünýä ýaýmakda medeniýet we sungat, döredijilik işgärleriniň mynasyp paýy bar.

Häzirki wagtda türkmen medeniýetiniň we sungatynyň wekillerine döredijilik hem hünär ussatlyklaryny kämilleşdirmäge, täze-täze eserler bilen ruhy gymmatlyga teşne göwünleri gandyrmaga giň mümkinçilikler döredildi.



Medeni ojaklaryň, täze gurlan kaşaň binalaryň gözelligi, olarda halka hödürlenýän sahna oýunlary, çykyşlardyr beýleki medeni çäreler tomaşaçylarda ýakymly täsir galdyrýar. Ýüreklerde ýokary ruhubelentlik duýgularyny oýaryp, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini has-da pugtalandyrýar.

Ýurdumyzda türkmen medeniýetini we sungatyny ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän işler «Türkmenistanda Medeniýet ulgamyny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» laýyklykda alnyp barylýar. Medeniýet işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň täze usullary durmuşa ornaşdyrylýar, medeniýet ulgamy sanlylaşdyrylýar, elektron hem internet hyzmatlary ýola goýulýar.

Medeniýet we sungat işgärleriniň hünär baýramçylygy mynasybetli ýurdumyzda Medeniýet hepdeliginiň geçirilmegi indi adata öwrüldi. ■2


Tomus pasly üçin peýdaly maslahatlar 2

Has köp syýahatçylara garaşylýar 3

Bütindünýä balykçylyk güni 3

UEFA Çempionlar Ligasynyň 32 klubly iň soňky möwsümi 4

# ULAG-LOGISTIKA HYZMATLARY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu ýerde görkezilýän taslamalaryň hatarynda paýtagtymyzyň dürli künjeklerinde ozal gurlan we häzirki döwürde durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän ýol-ulag düzümine degişli desgalar, ýol ýakalaryna oturdyljak haşamly germewler, köp gatnawly ýol çatryklarynda bina edilmegi göz öňünde tutulýan köp zolakly, aýlawly awtomobil köprüleri we olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary bar.

Paýtagtymyzda ýokary amatlyklaryň döredilmegi halkymyzyň eşretli durmuşynyň we Aşgabady senagatlaşdyrmak ulgamynyň ýokary derejä eýe bolýandygynyň, ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň döwrebaplaşdyrylýandygynyň subutnamasyna öwrülýär. Görkezilýän taslamalar we çyzgylar bilen tanyşlygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri olara birnäçe bellikleri aýtdylar hem-de degişli düzedişleri girizdiler. Bellenilişi ýaly, ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň gurluşygynda alnyp barylýan işleriň ýokary hil derejesine we ähmiýetine aýratyn üns berilmegi möhüm wezipe bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, şäher gurluşygynda alnyp barylýan işlerde ekologiýa meselesine aýratyn orun degişli bolmalydyr. Bu baradaky gürrüňi dowam edip, hormatly Prezidentimiz söwda we dynç alyş merkeziniň bina edilýän ýeriniň gurluş aýratynlygyny, ýerasty suwlaryň derejesini we zeý suwlaryny akdyrmagyň aýratynlyklaryny ylmy esasda öwrenmek babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu tabşyrygy makullap, bu babatda degişli düzümleriň wekilleriniň bilelikdäki tagallalarynyň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi. Munuň özi ýerasty suwlaryň binalaryň gurluşygyna ýaramaz täsiriniň öňüni almakda aýratyn ähmiýetlidir. Söwda we dynç alyş merkeziniň gurluşygynyň başlanýan ýeriniň topragynyň, onuň ýerasty gatlagynyň ylmy esasda içgin öwrenilmegi häzirki zamanyň möhüm talaplarynyň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz bina edilýän desgalarda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň, olaryň bellenilen möhletlerde ulanmaga tabşyrylmagynyň möhüm talap bolup durýandygyny belläp, bu ugurda alnyp barylýan işleriň yzygiderli gözegçilikde saklanmagynyň wajypdygyna ünsi çekdiler. Halkymyzyň ähli amatlyklaryň hözirini görüp ýaşamagy, netijeli işlemegi we göwnejaý dynç almagy üçin ähli mümkinçilikleriň üpjün edilmegi bilen baglylykda, sanly tehnologiýalaryň ulanylmagyna möhüm orun degişlidir.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde şäher ilatynyň oňaýly durmuşyny üpjün edýän, sanly ulgama daýanýan enjamlar ornaşdyrylan merkezleriň döredilmegine möhüm ähmiýet berilmelidigini bellemek bilen, bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

# ARKADAG ŞÄHERI — TÄZE EÝÝAMYŇ BEÝIK ESERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu ajaýyp şäheriň aýratynlyklarynyň biri hem onuň ahalteke bedewleriniň merkezine öwrülmegidir.

Mälim bolşy ýaly, ahalteke bedewleri paýhasly pederlerimiz tarapyndan Köpetdagyň etegindäki keremli toprakda, ýakymly howa gurşawy bolan künjekde döredildi we ösdürilip ýetişdirildi. Hut şu ýerden nurana bedewler dünýäniň çar künjegine ýaýrady. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň döredilmegi atşynaslyk ugurlaryny ösdürmek üçin aýratyn ähmiýetli bolup durýar.





Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan atlaryň tohum arassalygyny gorap saklamak we baş sanyny köpeltmek, bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri toplumlaýyn hem-de ylmy esasda taýýarlamak maksady bilen döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy atçylyk pudagynyň ösüşine täze itergi berer.

Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň milli at üstündäki oýunlaryny we atçylyk sportuny ösdürmekde, olary halkara derejä çykarmakda möhüm orun eýeleýär. Bu ýerde halkara ýaryşlary geçirmek göz öňünde tutulýar. Munuň özi ýaşlaryň ruhy we beden taýdan ösüşine ýardam berer we milli gymmatlyklarymyza bolan hormat-sarpany artdyrar, ýaşlary atçylyk sporty boýunça uly üstünlikleri gazanmaga ruhlandyrar.

### ARKADAG ŞÄHERI – BAGTLY ÇAGALYGYŇ MEKANY

Soňky ýyllarda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyz bagtly çagalygyň ýurduna öwrüldi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen döredilen Arkadag şäheri hem bagtly çagalygyň mekanyna öwrüler. Sebäbi bu şäherde çagalaryň bagtly durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredildi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň merkezi bu şäherde ýerleşer. Gaznanyň howandarlygyndaky çagalary terbiýelemek, olara orta, ýörite we ýokary bilim bermek hem-de ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişe üns merkezinde saklanar. Bu şäherde çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi hereket edip, onda çagalara ýokary derejede hyzmat ediler.

### «AKYLLY» ŞÄHER KONSEPSIÝASYNYŇ ILKINJI NUSGASY

«Akylly» şäher konsepsiýasynyň esasynda bina bolýan, birinji tapgyrynyň gurluşygy tamamlanyp, ikinji tapgyryndaky işlere ak pata berlen Arkadag şäheri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň beýik eseridir. Ak mermere beslenen, belent-belent ymaratlary nur saçýan bu şäheriň keşbinde uly bir dabaralylyk, milli ruhumyzyň ýeňşi, geljegiň şan-şöhraty şöhlelenýär. Gadymy Nusaýyň, Änewiň, Abiwerdiň, Sarahsyň, Şähryslamyň dünýä ýaň salan taryhyna şaýat bolan Ahal topragy Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşip, umumy dünýä ösüşine sazlaşykly goşulan nurana mekandyr. Gojaman Köpetdagy etekläp oturan meýdanda eziz Watanymyzyň täze ösüşleriniň nyşany ýaly bolup, geljegi nazarlaýan uly şäheriň — Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň gysga döwürde gurulmagy we ikinji tapgyryna badalga berilmegi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň pähim-paýhasa ýugrulan tagallalarynyň miwesidir.

Arkadag şäheri tutuş sebitde iň iri taslamalaryň biridir. Ol ýaşamak üçin ähli oňaýly şertleri özünde jemleýär. «Akylly» öý tehnologiýalary, hassalara daş aralykdan gözegçilik etmegiň «akylly» ulgamy, dynç alyş merkezlerini awtomatik dolandyryjy enjam, «akylly» ýolyşyk, «akylly» ýyladyşhana, mobil robotlar, Wi-Fi zolagy döredilen Merkezi seýilgäh, ulaglara elektrik tok beriji beketler, şeýle-de «Elektron mekdep» ulgamy, sanly kitaphana ulgamy, onlaýn ders bäsleşiklerini we garaşsyz synaglary geçirmäge mümkinçilik berýän «Zehin» atly sanly ulgam – bularyň hemmesi ylmyň we innowasiýalaryň iň soňky gazananlaryna esaslanmak bilen, adamlaryň amatly durmuş şertlerinde ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

### IKINJI TAPGYRDA NOBAT ÖNÜMÇILIK DESGALARYNDA

Ýakynda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyryna badalga berlip, täze şäherde döwrebap önümçilik toplumlarynyň gurluşygyna guramaçylykly girişildi. Munuň özi tutuş ýurdumyzda bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy we yzygiderli yhlasy esasynda binýat bolan täze şäherde alnyp barylýan giň möçberli işleriň Arkadag şäheriniň hemmetaraplaýyn ösüşine, ykdysady taýdan kuwwatlanmagyna, täze iş orunlarynyň döredilmegine gönükdirilýändigini görkezýär. Arkadag şäherinde önümçilik kuwwatlyklaryny gurmak baradaky çözgüt milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagyna, şäher ilatynyň abadançylygynyň we bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan berilýän uly ünsüň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr.

### BEÝIK ŞAHSYÝETLERE BELENT HORMAT

Halkymyzyň şöhratly taryhyny, milli binagärlik ýörelgelerini dabaralandyrýan Arkadag şäherinde geçmişde öçmejek yz galdyran beýik şahsyýetleriň atlary ebedileşdirilýär. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, Saçly Dursunowa adyndaky şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebi, belli şahsyýetleriň adyny göterýän beýleki medeni-taryhy binalar munuň aýdyň mysalydyr. «Arkadag» teleýaýlymynyň, «Arkadag» gazetiniň döredilmegi şäheriň täze taryhynyň şatlykly wakalaryna öwrüldi.

Ine, täze döwrüň beýik şäheriniň açylyş dabarasyna ýurdumyzyň ähli pudaklarynyň zähmetsöýer işgärleri bilen bir hatarda talyp ýaşlary hem işjeň gatnaşýarlar. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutymyzyň professor mugallymlarynyň, ýaş mugallymlarynyň, bagtyýar talyp ýaşlarymyzyň, folklor tans toparlarymyzyň, aýdymçylarymyzyň Arkadag şäheriniň açylyş dabarasynyň taýýarlyk işlerine işjeň gatnaşýandyklaryny buýsanç bilen bellemek bolar.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# TOÝ TOÝLANÝAR MEDENIÝETIŇ ŞANYNA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmen halkynyň beýik şahsyýetleriniň hatarynda Magtymguly Pyraga aýratyn orun degişlidir. Şahyryň döredijiligi dünýä medeniýetiniň altyn gaznasyna girýär. Türkmen halky her ýyl iki baýramy bilelikde bellemek bilen, beýik nusgawy şahyryň döredijiligine aýratyn sarpa goýýar.

Medeniýet hepdeliginiň çäginde geçirilýän giň gerimli döredijilik maslahatlarydyr dabaralar türkmeniň milli ruhy baýlygyny aýawly saklamaga hem-de ony artdyrmaga gönükdirilendir. Şonuň bilen birlikde häzirki zaman türkmen medeniýetiniň, milli sungatymyzyň köpdürli öwüşginini jahana ýaýýar. Köp asyrlyk taryhy bolan baý ruhy mirasymyzy öwrenmegiň, dünýä ýaýmagyň beýleki halklar bilen dostlukly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda hem hyzmaty uludyr.







Aşgabat şäherinde geçirilýän bu ýylky Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde hem ýörite taýýarlanan maksatnama esasynda sungat eserleriniň, medeni gymmatlyklarymyzyň sergileri, maslahatlar, edebi okaýyşlar, folklor toparlarynyň çykyşlary, estrada ýyldyzlarynyň konsertleri we başga-da birnäçe medeni çäreler guralar.

Häzirki wagtda dünýä döwletleriniň arasynda medeni we işjeň gatnaşyklary barha işjeňleşdirýän eziz Diýarymyz, dostlukly döwletler bilen Medeniýet hepdeliklerini ýygy-ýygydan geçirip durýar. Bu asylly ýörelge bolsa eziz Diýarymyzyň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Edil şonuň ýaly hem ýurdumyz TÜRKSOÝ bilen, türki dilli halklar bilen ýygjam aragatnaşyk saklaýar. Halklary has-da ýakynlaşdyrýan, jebisleşdirýän bu medeni çäräniň ýurdumyzda uludan bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni bilen gabat gelmegi hem muny aýdyň görkezýär.

Türki halklaryň bagşy-sazandalarynyň hem-de tans toparlarynyň ýerine ýetiren täsirli çykyşlary Türki döwletleriň Medeniýet hepdeliginiň açylyş dabarasyna aýratyn öwüşgin çaýdy. Şeýle çykyşlar sungatyň gadymy köklerini giňden ýaýmakda aýratyn ähmiýetlidir. Muny ýurdumyzda türki dilli halklary has-da ysnyşdyrjak medeniýet hepdeliginiň çäklerinde ylmy maslahatlaryň, konsertleriň, teatr oýunlarynyň, kinolaryň, sergileriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi hem äşgär etdi.

Türki dünýäniň ÝUNESKO-sy diýlip atlandyrylýan TÜRKSOÝ Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň, Türkmenistanyň we Türkiýe Respublikasynyň medeniýet ministrleriniň ylalaşygy netijesinde 1993-nji ýylda döredilýär. Soňra TÜRKSOÝ guramasyna synçy döwlet hökmünde Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan, Başgyrdystan, Altaý, Saha (Ýakutiýa), Tuwa, Hakasiýa Respublikalary we Moldowanyň Gagauziýa Awtonom Respublikasy goşuldy.

TÜRKSOÝ her ýyl suratkeşleriň duşuşyklaryny, opera festiwallaryny, edebiýat kongreslerini we beýleki halkara forumlary guraýar. Geçen 30 ýylda türki halklaryň döredijilik we ylmy dünýäsiniň wekilleriniň arasynda tejribe alyşmak çäreleriniň yzygiderli guralyp durulmagy däbe öwrüldi.

Medeniýet hepdeliginiň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Aşgabat şäherinde geçirilmegi döredijilik forumyna aýratyn ähmiýet berýär. Bu sungat baýramy halkymyzy zähmet üstünliklerine, döredijilikde we sungatda ýokary netijeleri gazanmaga ruhlandyrýar.

Ýurdumyzda geçirilýän bu möhüm medeni çärelere talyp ýaşlar hem işjeň gatnaşýarlar. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde aýdym-saz toparlary bar. Şol toparlar hem ýurdumyzda geçirilýän çärelere işjeň gatnaşýarlar. Şu günler ýurdumyzda giň gerime eýe bolan, şeýle hem TÜRKSOÝ halkara guramasynyň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilýän baýramçylyk hepdeliginiň çärelerine Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutymyzyň «Altyn miras» aýdym-saz toparynyň gatnaşýandygyny uly buýsanç bilen bellemek bolar.

**Ogulsabyr BERDIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# TOMUS PASLY ÜÇIN PEÝDALY MASLAHATLAR

**1. Sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmeli, arassalanan agyz suwuny ýeterlikli mukdarda içmeli.**

**2. Lukmanyň bellän bejergisini we berhizini dogry berjaý etmeli. Gan basyşyny gözegçilikde saklamaly.**

**3. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.**

**4. Zyýanly endiklerden daşda durmaly.**

**5. Witamin C – askorbin turşusyna baý önümleri iýmeli.**

**6. Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanmaly.**

**7. Keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly. Derman serişdelerini, şol sanda antibiotikleri özbaşdak ulanmaly däl.**

**8. Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmeli.**

**9. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, yzygiderli içmeli.**



**10. Gök önümleri iýmezden öň, talaba görä arassalamaly.**

**11. Iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk talaplaryny dogry berjaý etmeli, olary söwda merkezlerinden satyn almaly, salkyn öý şertlerinde talabalaýyk saklamaly, belgileniş nyşanynda görkezilen möhletine laýyklykda ulanmaly.**

**12. Tomus paslynyň talaplaryna laýyklykda geýinmeli.**

**13. Tomus paslynda dürli mör-möjekleriň köpelýändigini nazara alyp, olaryň çakmagyndan goranmaly.**

**14. Günüň göni düşýän ýiti şöhlesinden goranmaly, başgap geýmeli ýa-da ýaglyk daňynmaly.**

**15. Howuzlarda we deňizde suwa düşülende suwa düşmekligiň tertip-düzgünlerini berjaý etmeli.**

**16. Sagdyn iýmitlenmek üçin tomus paslynda kakadylan we şöhlat önümlerini ürç edip iýmeklikden saklanmaly.**

**17. Öý şertlerinde azyk önümleriniň gaplanýan wagty, gaplama usullarynyň arassaçylyk talaplaryny berk berjaý etmeli.**

**18. Gap-çanak saklanylýan we nahar bişirilýän ýerler arassa bolmaly.**

**19. Öýden çykarylýan zyňyndylary zir-zibil üçin niýetlenen polietilen haltajyklara ýerleşdirip zyňmaly.**

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*



## «Tesla»-nyň bazary ösýär

«Tesla» 2023-nji ýylyň birinji çärýeginde ABŞ-da sanawda özünden soň gelýän öňdebaryjy 18 kompaniýany bilelikde alandakydan hem has köp elektroulag satdy. Netijede, «Tesla» ABŞ-daky elektroulag bazarynyň 63%-e golaýyny eýeledi.

«Model Y» krossoweri iň köp satylan model bolup galdy, ondan soň «Model 3» gelýär. Iň meşhur elektroulaglaryň arasynda «Chevrolet Bolt EUV», «Volkswagen ID. 4» we «Chevrolet Bolt» öňe saýlanýar.

Umuman alanyňda, ABŞ-da elektroulag satuwy birinji çärýekde birnäçe ulaglara («Tesla»-ny hem goşmak bilen) 7 müň 500 dollara çenli bolan salgyt subsidiýasynyň girizilmegi bilen, 79% ösdi. Şol bir wagtyň özünde bu artykmaçlyklar «Hyundai», «Nissan», BMW, «Audi» we «Volvo» ýaly awtoulaglara degişli däldir.

## Nusgasy görkezildi

Germaniýanyň «Volocopter» kompaniýasy tarapyndan öndürilen aerotaksiniň ilkinji nusgasy Fransiýanyň Le-Burže sebitinde guralan awia sergisinde görkezme uçuşyny amala aşyrdy. Bu kompaniýanyň uçujy enjamlarynyň 2024-nji ýylda Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda synag maksady bilen ulanylmagyna garaşylýar.

Uçuş, takmynan, bäş minut dowam etdi. Kompaniýanyň wekilleriniň bellemegine görä, «VoloCity» diýlip atlandyrylýan bu enjam ýolagçy gatnawynda ulanylyp başlanmazdan ozal, birnäçe üýtgeşmelere sezewar bolar. Kompaniýa geljekde enjamyň iki ýolagça niýetlenen uçarmansyz görnüşini bazara çykarmagy göz öňünde tutýar. Ulagyň bu görnüşiniň esasy artykmaçlyklaryndan biri, adaty dikuçarlar bilen deňeşdirilende, sesiniň ep-esli pes we göwrüminiň kiçi bolmagydyr.

«VoloCity» 18 sany elektrik hereketlendirijisi we 9 batareýa bilen enjamlaşdyrylandyr. Iki adamlyk multikopter 400-500 metr belentlikde sagatda 110 kilometr tizlikde pilot bilen birlikde iki adamy götermäge ukyplydyr. Aerotaksi bir gezekki zarýady bilen 35 kilometre çenli uçup bilýär.



## Üç ýurt EXPO-2030 sergisini geçirmäge taýyn

Parižde geçirilen iki günlük sammitde Halkara sergi guramasyna agza 179 ýurduň wekilleri EXPO-2030 sergisini guramak maksady bilen üç ýurda – Saud Arabystanyna, Koreýa Respublikasyna we Italiýa ses berdiler. Üç ýurt geljekki Bütindünýä sergisiniň özlerinde guralmagyny maksat edinýärler.

Ses berişlikden soň Saud Arabystanynyň daşary işler ministri şazada Feýsal ibn Farhan Al-Saud sergini paýtagt Er-Riýadda guramagyň taslamasyny hödürledi.

Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýol bu giň gerimli çäräni öz ýurdunyň ikinji uly şäheri Pusanda geçirmegi teklip etdi.

Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni bolsa, sergini öz ýurdunyň paýtagty Rimde guramagyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Halkara sergi býurosyna agza ýurtlar noýabr aýynda geçiriljek indiki maslahatda EXPO-2030 sergisiniň nirede geçiriljekdigini kesgitlärler.



ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 27-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111948
Belgisi: 26/1540
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Hindistanyň ykdysadyýeti öser

Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi ABŞ-nyň Kongresiniň bilelikdäki mejlisinde eden çykyşynda ýakyn wagtda Hindistanyň ykdysady taýdan kuwwatly ýurda öwrülip, dünýäde üçünji orny eýelejekdigini aýtdy.



– Premýer-ministr hökmünde ilkinji gezek ABŞ-a gelenimde, Hindistan özüniň ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde onunjy orunda durýardy. Häzir biziň ýurdumyz ykdysadyýetiniň kuwwaty boýunça bäşinji orunda durýar. Hindistan ýakyn wagtda dünýäde üçünji uly ykdysadyýetli ýurda öwrüler. Häzirki wagtda çalt depginler bilen ösýän ykdysadyýetimiz dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine çynlakaý itergi berer – diýip, Narendra Modi belledi.

Hindistanyň Premýer-ministriniň çykyşy amerikan kongresiniň agzalary tarapyndan gyzgyn goldaw tapdy.

Narendra Modi çykyşyna başlamazdan ozal, ABŞ-nyň kongresinde eýýäm ikinji gezek çykyş edýändigini belläp, munuň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy. Mundan öň Hindistanyň Premýer-ministri 2016-njy ýylda ABŞ-nyň kongresinde çykyş edipdi.

Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi 20-25-nji iýun aralygynda ABŞ-a we Müsüre döwlet saparlaryny amala aşyrdy. Narendra Modi Waşingtonda Prezident Jozef Baýden bilen duşuşup, iki ýurduň arasynda ýola goýlan ýokary derejeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem dowam etdirmek barada pikir alyşdy.

# Has köp syýahatçylara garaşylýar

Bu ýylky syýahatçylyk möwsümi Horwatiýa rekord derejede girdeji getirip biler. Ýylyň başyndan bäri ýurda Ýewropa ýurtlaryndan millionlarça syýahatçy gelip, umumy syýahatçylyk akymy geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 20% artykdyr. Bilermenleriň aýtmagyna görä, häzirki wagtda bu pudakda oňyn depginler göze ilýär.

Bilermenler syýahatçylyk pudagynyň işjeňliginiň artmagyny, esasan, Horwatiýanyň Şengen zolagyna girmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Galyberse-de, koronawirus pandemiýasyndan soň ýurduň syýahatçylyk pudagy ýene-de janlanyp ugrady. 2022-nji ýylda bu pudak döwlet gaznasyna rekord derejede, ýagny 14 milliard dollar girdeji getirdi. Bu ýyl görkezijiniň birnäçe esse artyp biljekdigi çaklanylýar.

Horwatiýanyň syýahatçylyk assosiasiýasynyň baş direktory Kristian Staniçiç şeýle gürrüň berýär:

– Häzirki wagtda biziň ýurdumyza 5 milliona golaý daşary ýurtly syýahatçy gelip, bu geçen ýylyň görkezijilerinden 20% ýokarydyr. Biz hatda 2019-njy ýylyň rekord derejedäki ösüşinden hem ýokary işjeňligiň şaýady bolýarys. Şu ýylyň başyndan bäri syýahatçylyk akymy has-da artyp, bu ösüş Horwatiýanyň Şengen sebitine girmeginiň netijesidir. Syýahatçylaryň köpüsi, esasan, Sloweniýadan, Italiýadan, Wengriýadan, Awstriýadan we Germaniýadan gelýärler. Galyberse-de, ýerli syýahatçylyk akymy hem barha artýar.



# Täze global maliýe şertnamasy boýunça sammit

22-23-nji iýunda Parižiň taryhy Bronýar köşgünde täze global maliýe şertnamasy boýunça iki günlük sammit geçirildi. Howany goramak we garyplyga garşy göreş meselelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen guralan forumyň işine 100 töweregi ýurduň, ösüş banklarynyň we halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň başlangyjy bilen geçirilen bu sammit Bütindünýä bankynyň, Halkara Pul Gaznasynyň (HPG), döwlet we hususy gaznalaryň gatnaşmagynda has berk maliýe ulgamyny döretmek boýunça geňeşmelere bagyşlandy. Sammite gatnaşyjylar senagat taýdan ösen ýurtlar bilen, esasan hem, howanyň üýtgemeginiň zyýanly täsirlerinden zyýan çekýän global Günorta (Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy) ýurtlarynyň arasyndaky barha artýan boşlugy aradan aýyrmak maksady bilen zerur teklipleri orta atdylar.



Döwlet we hökümet Baştutanlary, şol sanda, Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols, ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen we Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Rişi Sunak öz çykyşlarynda, dünýäniň ilatynyň abadançylygyny ýokarlandyrmak ugrunda ygrarlydyklaryny aýtdylar.

Şeýle hem halkara maliýe guramalarynda çynlakaý özgertmeleri geçirmegiň, maliýe ulgamyny häzirki zaman dünýäsine uýgunlaşdyrmagyň zerurdygyny bellediler.

«Häzirki wagtda dünýäniň ösýän ýurtlarynyň maýa goýum zerurlyklary barha artyp, ykdysady ösüş, howanyň üýtgemegine garşy göreş we biodürlüligi goramak üçin 2030-njy ýyla çenli 2 trillion dollar möçberinde maliýe serişdelerini talap edýär» diýip, sammite gatnaşan fransiýaly bilermenler belleýärler.

# OPEK çaklamasyny üýtgetmedi

Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy OPEK-iň çaklamasyna laýyklykda, dünýäde nebite islegiň ösüşi 2023-nji ýylda her günde 2,3 million barrele ýetip biler. Bu barada guramanyň iýun aýyndaky hasabatynda aýdylýar. Şeýlelik bilen, bu görkeziji eýýäm yzly-yzyna dört aý üýtgewsiz galýar.

Mundan başga-da, 2023-nji ýylda nebite bolan isleg ortaça her günde 101,9 million barrel bolup biler. Şol bir wagtyň özünde, Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasyna agza (OECD) ýurtlarda nebite bolan islegiň umumy ösüşi barýogy 0,05 million barrel bolar diýlip, OPEK guramasynda garaşylýar. Şol bir wagtyň özünde, OECD-e girmeýän ýurtlar nebite bolan islegini her gün 2,3 million barrel töweregi ýokarlandyrar.

Şeýle hem gurama 2023-nji ýylda OPEK-e girmeýän ýurtlardan nebit üpjünçiliginiň ösüşi baradaky çaklamasyny her günde 1,4 million barrel aralygynda saklady. Bu görkeziji yzygiderli dördünji aý üýtgemeýär. Ahyrky netijede, ol her günde 67,2 million barrele ýetip biler.

ABŞ, Braziliýa, Norwegiýa, Kanada, Gazagystan we Gaýana ýaly ýurtlar üpjünçiligiň ýokarlanmagynyň esasy hereketlendirijileri bolar diýlip, OPEK-de garaşylýar. Şol bir wagtyň özünde, ilkinji nobatda, Russiýada önümçiligiň




azalmagyna garaşylýar. Şeýle hem bu gurama 2023-nji ýylyň mart aýynda ABŞ-da nebit we kondensatyň öndürilişiniň 2020-nji ýylyň mart aýyndan bäri iň ýokary derejä ýetendigini we tutuş ýylyň dowamynda ösüş depgininiň her günde 1,1 million barrel bolup biljekdigini belleýär.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

**Uçýan tarelkanyň synagy.** Hytaýyň Şençžen şäherinde dünýäde ilkinji dolandyrylýan uçýan tarelka synagdan geçirildi. «iUFO» atly bu enjam «Shenzhen UFO» tehnologiýasy boýunça döredildi. Onuň alty sany howa çykaryjysy hem-de dik uçmak we gonmak üçin 12 sany perli nurbaty bar, şeýle-de ol uçarman üçin ýer bilen üpjün edilendir.



**3,5 müň dollara satyldy.** Ýaponiýanyň Hatinohe şäherinde guralan auksionda ýokary hilli çereşnýanyň 15 sanysyna 500 müň ýen (3,5 müň dollardan gowrak) tölediler. Bu söwdanyň bütin taryhynda iň gymmat bahadyr. «Aomori hartbit» sortly bu miwe ýüregiň keşbini ýatladýar. Çereşnýa kópleriň halaýan miwesidir.



**Ýüzük tapan millioner boldy.** Beýik Britaniýaly Albert Teýlor Roksweliň meýdandan tapan 8 gramlyk altyn ýüzügi gadymy tapyndy bolup çykdy. Ol ýüzügi Londondaky söwda auksionynda satyp, 23 müň funt sterling gazandy. Bilermenleriň pikirine görä, ýüzük XIV asyrda ýaşan kazy Wilýam Skrine degişli bolmaly.



**Rekordlar kitabyna girdi.** Hindistanly 16 ýaşly gyz Sruşti Sudhir Jagtap gysga arakesmeler bilen 127 sagatlap kathak tansyny ýerine ýetirip, dünýä rekordyny goýdy. Ol 29-njy maýda irden tans edip başlady we tansyny 3-nji iýunda, sagat 12:00-da tamamlady. Her sagatdan soň Sruşti biraz arakesme etdi. Öňki rekord 126 sagada deň.



## TARYHDA ŞU GÜN

1967-nji ýylyň 27-nji iýunynda Londonyň demirgazygyndaky Enfild sebitinde «Barclays» bankynyň şahamçasynda «Automated Teller Machine» (ATM) diýlip atlandyrylýan agregat oturdyldy. Bu enjam nagt pullary çekmek boýunça ilkinji bankomat hökmünde hyzmat etdi. Bu bankomat ilkibaşda «kartoçkasyz» bankomat bolup, bankdan berlen ýörite wauçer bilen çalyşmak esasynda nagt pul alyp bolýardy.



Uzynlygy 362 metre, giňligi 65,5 metre, agramy 235 müň 600 tonna barabar bolan bu gämi dünýäniň iň uly syýahatçylyk gämisidir.

**OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!**

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY SYÝAHATÇYLYK GÄMISI

**Syýahatçylyk dünýäde yzygiderli ösdürilýän pudaklaryň biri bolup, adamlaryň köpüsi, esasan hem, tomus möwsüminde gezelenje çykýarlar. Gezelenje, dynç almak isleýän ýerlerimize, esasan, ulagly ýa-da uçarly gidilýär. Ýöne dünýäniň birnäçe ýerinde atly, otluly, tirkeg lyžaly, şol sanda gämili gezelençleri hödürleýän syýahatçylyk ugurlary hem bar. Soňky ýyllarda deňizde amala aşyrylýan gezelençler hem syýahatçylarda uly täsir galdyrýar. Göz öňüne getiriň, futbol meýdançasynyň üç essesine barabar gämi. Siz bu gämide birnäçe aýlap, dürli şäherde amala aşyryljak syýahata çykdyňyz. Ähli şerti bolan bu gämi edil «ýüzýän şähere» meňzäp, ummanyň, deňizleriň tolkunlary bilen bat alyp, oý-hyýallary uzak menzillere äkidýär...**







Dünýäde kruiz gämileriniň birnäçesi bolup, şolaryň iň ulusy «Royal Caribbean Wonder of the Seas» (Korol Karib deňziniň täsinligi) hasaplanýar. Uzynlygy 362 metre, giňligi 65,5 metre, agramy 235 müň 600 tonna barabar bolan bu gämi dünýäniň iň uly syýahatçylyk gämisidir. Geçen ýyl işe girizilen bu gämide 2 müň 867 otag bolup, 7 müň 600 adamy syýahata äkidip bilýär. 18 gatly gämide 20 müňden gowrak ösümlik ösýär. Sekiz sany uly bölekden ybarat bolan gämide Merkezi seýilgäh, myhmanhana otaglary, «AquaTheater» açyk tomaşa zaly, 30 metrlik suwa çümmek platformasy, çagalar üçin açyk güýmenje meýdançasy, dyrmaşylýan diwarlar bar. Bulardan başga-da, isleg bildirýänler üçin suwasty gezelençler, buzda typmak, golf oýnamak, elektronsport oýunlary, «FlowRider» suwda typmak ýaly güýmenjeler hödürlenýär.

Syýahatçylyk gämisinde 9 sany tölegsiz restoran bolup, 12 sany ýörite naharlanylýan meýdança bar. Gämide fransuz, italýan, Aziýa aşhanasyna degişli naharlar taýýarlanyp, buýurma esasynda hytaý tagamlaryny hem iýip bolýar. Deňiz jandarlaryndan taýýarlanan tagamlar, kokteýl, «starbucks» kofesi syýahatçylaryň halaýan lezzetleridir. Mundan başga-da, «Mason Jar» Günorta restorany özüniň meşhur tagamlary bilen syýahatçylara hyzmat edýär.

«Korol Karib deňziniň täsinligi» atly syýahatçylyk gämisi Karib deňzinde Gündogar we Günbatar ugurlar boýunça ýüzýär. Dünýäniň iň gowy maşgala dynç alşyny hödürleýän Karib deňziniň gämili syýahaty Kozumel, Meksika we Roatan, Gonduras duralgalary boýunça howa şertlerine laýyklykda bir hepde dowam edýär.

# Telefonyň gyzmazlygy üçin...




**Gündelik durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülen el telefonlary kähalatda gyzyp bilýär. Eýsem, munuň sebäbi nämedenkä, öňüni almak üçin nämeler etmeli?!**

Smartfonlar dürli sebäplere görä gyzyp bilýär. El telefonlarynyň käbir programmalary we aýratynlyklary has köp energiýa talap edýär. Şol programmalaryň köp wagtlap ulanylmagy, telefonyň gyzmagyna sebäp bolýar. Içinde bir topar maglumat geçiriji bolan kompýuterler hem gyzýar. Emma, olarda gyzgynlygy daşyna üfleýän perler bar. Aslynda, häzirki telefonlar hem kompýuterleriň edýän işiniň köpüsini ýerine ýetirip bilýär. Emma telefonlar kiçi bolansoň, olarda sowadyjy ulgam däl-de, gyzmagynyň öňüni alyjy ulgam bolýar. Telefonlaryň batareýalarynyň has kämilleşdirilmegi we gyzmagynyň öňüni almak üçin täze tehnologiýalar yzygiderli işlenip düzülýär.

Islendik telefon uzak wagtlap gepleşilmegi ýa-da ekranyň açyk durmagy, mikroprosessoryň, çyrasynyň we kamerasynyň işledilmegi zerarly azda-kände gyzyp bilýär.

Munuň öňüni almak üçin telefondaky ähli amalyň işini togtatmaly. Sebäbi birbada birnäçe amalyň ýerine ýetirilmegi bilen telefona agram düşýär. Zarýad ulgamyndaky näsazlyk hem telefonyň gyzmagyna getirýär. Şol sebäpli enjamyň öz zarýad berijisini dogry ýagdaýda ulanmaly. Oýun programmalary bilen yzygiderli meşgullanylanda telefonda käbir näsazlyk ýüze çykýar. Şonuň üçin arakesme etmek zerur bolup durýar. Zyýanly programma üpjünçiligi (wirus) hem telefonyň işini haýalladyp, gyzmagyna sebäp bolýar. Şeýle ýagdaýda antiprogrammalar arkaly telefony arassalap durmaly. Şeýle hem telefonda gyzgynlygyň öňüni alýan sowadyjy programmalaryň işini ýola goýmaly.

# BÜTINDÜNÝÄ BALYKÇYLYK GÜNI

Balyk tutmak adamzadyň iň gowy güýmenjeleriniň biri bolup, tebigatda dynç almaga, rahatlanmaga hem-de wagtyňy gyzykly geçirmäge mümkinçilik berýär. Megerem, her bir ynsan balyk tutan ilkinji pursatlaryny ýadyndan çykarmaýan bolsa gerek.

1985-nji ýyldan bäri her ýylyň 27-nji iýunynda Bütindünýä balykçylyk güni bellenip gelinýär. Bu baýramçylyk 1984-nji ýylda Rimde geçirilen Balyk hojalygyny kadalaşdyrmak we ösdürmek boýunça konferensiýanyň karary bilen döredilýär.

Balyk tutmak tolgundyryjy pursatlara baý bolup, adamyň höwesini artdyrýar. Balykly güýmenje awçylygyň iň gadymy görnüşleriniň biridir. Taryhy maglumatlara ser salsak, balykçylyk ekerançylykdan we maldarçylykdan has öň ýüze çykypdyr. Köpler balyk tutmagy iýmit tapmak üçin wagt sarp etmek hasaplaman, eýsem, balykçylyga pelsepe, durmuş ýörelgesi, tebigat bilen gabatlaşylýan pursat hökmünde garaýar. Muňa diňe balyk tutmaga baranyňda göz ýetirip bolýar.



Dünýäde häzirki wagtda sarp edilýän iýmitleriň hatarynda deňiz önümleri öňdäki orny eýeleýär. Esasan, beloga we witaminlere baý bolan balykdyr deňiz jandarlary diriligine, doňdurylan we gaplanan görnüşde eksport edilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) hasabatyna görä, häzirki wagtda senagatda işlenilýän balyk mukdary 90 million tonna bolup, onuň 90 göterimi deňizlerden, galan bölegi derýalardan tutulýar. Balykçylyk pudagy dünýäde 120 milliondan gowrak adamy iş bilen üpjün edýär.

Bütindünýä balykçylyk gününde köp ýurtda balyk tutmak ýaryşlary, okuw sapaklary hem-de tebigata aýawly çemeleşmek barada maslahatlar geçirilýär. Soňky ýyllarda balykçylyk bilen meşgullanýan zenanlaryň köpelmegi belläp geçmeli ýagdaýlaryň biridir. Köp sanly maglumatlarda balyk tutmagyň bedeni güýçlendirýän we şähdiňi açýan iň gowy güýmenjeleriň biridigi bellenilýär.

## SPORT BALYKÇYLYGY

Dünýäniň birnäçe ýurdunda möwsümleýin balyk tutmak ýaryşlary geçirilýär. Bu ýaryşlarda balyk tutmaga gatnaşýan türgenleriň tizligi we ugurtapyjylygy synagdan geçirilýär. Sport enjamlary arkaly zeper ýetirmezden tutulan balyklar ýene-de howza goýberilýär.

# Garpyzyň gowy bişenini nädip saýlamaly?

**Tomus paslynyň iň datly bakja önümleriniň biri bolan garpyzyň dünýäde 1 müň 200-den gowrak görnüşi bar. Garpyz adam saglygy üçin peýdaly iýmitleriň biri hasaplanýar. 90 göterimden gowragy suwdan ybarat bolan garpyzyň düzüminde A, C, B6 witamini, kaliý we uglewodlar saklanýar. Eýsem, bu bakja önüminiň gowy bişenini nädip saýlamaly?! Munuň üçin käbir alamatlary göz öňünde tutmaly:**

**Daşky görnüşine seretmeli.** Eger-de garpyzyň reňki solgun däl-de, ýiti bolsa, bu onuň täzedigini aňladýar. Zolaklary sargylt, öçüksi bolsa, könedigini görkezýär. Şeýle hem garpyzyň daşy pakgaran (ýumşak) bolsa, bu onuň has ir ýolnandygynyň alamatydyr.

**Sapagyna üns bermeli.** Eger-de garpyzyň sapagy ter bolsa, ýaňy ýolnandygyny aňladýar. Gury baldaklar bu bakja önümiň has öň ýygnalandygyndan habar berýär. Täze we bişen garpyz almak isleseňiz, onda ýaşyl sapakly garpyzy saýlaň!

**Agramyna üns bermeli.** Bişen garpyzyň agramy bişmedik garpyza görä ýeňil bolýar. Şol sebäpli garpyz almazdan ozal eliňiz bilen ölçäp görüň!

**Sesini diňlemeli.** Barmagyňyz bilen garpyzy pitikläp görüň! Bişen garpyz içi boş ýaly ses berýär. Tyňňyldaýan çuň ses bu bakja önüminiň suwludygyny we gowy bişendigini görkezýär. Eger-de garpyzyň sesi içine dykyz ýaýraýan bolsa, entek bişip ýetişmändigini aňladýar.

**Togalagyny saýlamaly.** Garpyz saýlanyňyzda ýumurtga şekilli süýnmegini däl-de, togalagyny saýlaň! Togalak garpyz has suwly we tagamly bolýar.

Kesilmedik garpyzy otag howa şertinde 7-10 günläp saklap bolýar. Kesilen garpyzy 2-3 günläp iýmit sowadyjysynda saklamak mümkin. Şeýle hem garpyz baldagyndan ýolnandan soň ýetişmek prosesini bes edýär, ýagny käbir miweler ýaly, pazylyndan aýrylandan soň bişmeýär.

# UEFA Çempionlar Ligasynyň 32 klubly iň soňky möwsümi

*Klub futbolynyň iň uly ýaryşy UEFA Çempionlar Ligasy hasaplanýar. Häzirki wagtda 32 klubuň arasynda geçirilýän ýaryşyň 2024/25 möwsüminden başlap formaty üýtgediler. Klub sany artdyrylyp, täzeçe ulgamda geçiriler. Başgaça aýdylanda, 2023/24 möwsümi 32 klubuň gatnaşjak iň soňky möwsümi bolar. Şol 32 klubuň 26-sy çempionatlarda görkezen netijeleri esasynda belli bolup, galan 6 klub saýlama tapgyrlaryndan soň kesgitlener. UEFA Çempionlar Ligasyna adatça, Ýewropanyň öňdebaryjy 4 çempionatynyň hersinden 4 klub hiç hili saýlama duşuşyggyny geçirmezden gönümel toparçalardan ýaryşa başlaýar. Bu görkeziji «Sewilýanyň» Ýewropa Ligasynda çempion bolmagyndan soň Ispaniýadan şu möwsüm üçin 5-e çykar.*

### DIŇE 1 KLUB ILKINJI GEZEK GATNAŞÝAR

● Toparçalarda çykyş etjek 26 klubuň arasynda diňe 1 klub debýutant bolup, «Bundesligany» 4-nji orunda tamamlan «Union Berlin» topary taryhynda ilkinji gezek bu ýaryşa wekilçilik eder. Şol sanda yzygiderli gatnaşyp gelýän klublaryň bolşy ýaly, ençeme ýyldan soň Çempionlar Ligasynda çykyş etjek klublar hem bar.

### 21 ÝYLDAN SOŇ WEKILÇILIK EDERLER

● Angliýadan «Nýukasl», Fransiýadan «Lans» toparlary 21 ýyldan soň läheňleriň arenasyna dolanyp, klublaryň ikisi-de 3-nji gezek ýaryşa gatnaşarlar. Olar soňky gezek 2002/03 möwsüminde toparçalarda çykyş edipdiler. Şeýle-de, «Real Sosiedad» 10, «Arsenal» 7, «Feýenoord» 6, «Srwena Zwezda» 4, «Lasio» 3, «Mançester Ýunaýted» 1 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy.

11 ýyldan bäri gatnaşyp gelýän «Ýuwentus» bu ýyl ýaryşyň daşynda galdy. «Liwerpula» 6, «Çelsä» 4 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazanmak başartmady.

### 6 ORUN ÜÇIN 52 KLUB ÝARYŞAR

● Başda-da belleýşimiz ýaly, 32 klubuň 26-sy belli bolup, 6 klub saýlama tapgyrlarynyň duşuşyklaryndan soň kesgitlener. Galan 6-sy geçiriljek 5 tapgyrly saýlama oýunlaryndan soň kesgitlener we şol 6 ýer üçinem jemi 52 klub saýlama tapgyryna gatnaşar.

Saýlama tapgyry — deslapky, 1-nji, 2-nji, 3-nji hem-de pleý-off — jemi 5 tapgyrdan ybarat bolar. Toparçalara çenli iň köp duşuşyk geçirjek topar eger-de, ýeňiş gazanan ýagdaýynda deslapky tapgyryň ýeňijisi bolar. Pleý-off tapgyryndan ýaryşa goşulýanlar iň az duşuşyk (2) bilen toparçalarda çykyş etmäge hukuk gazanarlar. Belgiýanyň («Antwerpen») hem-de Şweýsariýanyň («Ýang Boýz») çempionlary ýaryşa pleý-off tapgyryndan başlap gatnaşarlar. Gresiýadyr (AEK) Çehiýanyň («Sparta Praga») çempionlary, şol sanda, «Marsel» (Fransiýa), «Braga» (Portugaliýa), PSW (Niderlandlar), «Şturm Gras» (Awstriýa), «Reýnjers» (Şotlandiýa) we TSS (Serbiýa) ýaly öz çempionatlarynda-da 2-3-nji orny eýelänler 3-nji saýlama tapgyryndan başlarlar.



Çempionlar «Molde» (Norwegiýa), «Kopengagen» (Daniýa), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa), «Galatasaraý» (Türkiýe), «Aris» Limassol» (Gresiýa) klublary, şeýle hem Ukrainanyň («Dnepr-1»), Belgiýanyň («Genk»), Şweýsariýanyň («Serwette»), Gresiýanyň («Panatinaikos») çempionatlaryndan 2-nji ýeri eýelänler 2-nji saýlama tapgyryndan ýaryşa başlarlar.

* * *

Deslapky we 1-nji saýlama tapgyryna-da futbol babatda o diýen öňe saýlanmaýan ýurtlaryň çempionatlarynyň çempionlary gatnaşar.



Deslapky tapgyrda Islandiýanyň («Breidablik»), Garadagyň («Budoçnost Podgorisa»), Andorranyň («Atletik Klub d'Eskalades») hem-de San Marinonyň («Tre Penne») çempionlary duşuşar.

1-nji saýlama tapgyrynda-da Gibraltaryň («Linkoln Red Imps»), D. Makedoniýanyň («Struga»), Uelsiň («Nýu-Seýnts»), Farer adalarynyň («Kl Klakswik»), Estoniýanyň («Flora»), Maltanyň («Hamrun Spartans»), Gruziýanyň («Dinamo Tbilisi»), Irlandiýanyň («Şamrok Rowers»), Kosowonyň («Ballkani»), Ermenistanyň («Urartu»), Albaniýanyň («Partizani»), D. Irlandiýanyň («Larne»), Latwiýanyň («Walmiera»), Litwanyň («Žalgiris»), Bosniýa we Gersegowinanyň («Zrinski Mostar»), Finlýandiýanyň («HJK Helsinki»), Lýuksemburgyň («Swift Hesperange»), Moldowanyň («Şerif»), Sloweniýanyň («Olimpiýa Lýublýana»), Slowakiýanyň («Slowan Bratislawa»), Gazagystanyň («Astana»), Azerbaýjanyň («Garabag»), Wengriýanyň («Ferenswaroş»), Belarusuň («BATE Borisow», aslynda «Şahtýor Soligorsk» çempion bolupdy, galplyk sebäpli UEFA-nyň ýaryşlaryna alynmady), Polşanyň («Rakuw Çenstohowy»), Ysraýylyň («Makkabi Haýfa»), Şwesiýanyň («BK Haken»), Rumyniýanyň («Farul Konstansa») hem-de Bolgariýanyň («Ludogores Razgrad») toparlary 2-nji saýlama tapgyryna çykmak üçin özara göreşerler.

### 1–2-NJI SAÝLAMA TAPGYRYŇ BIJELERI ÇEKILDI

Şu gün geçiriljek deslapky tapgyryň oýunlarynda «Atletik Klub d'Eskaldes»—«Buduçnost Podgorisa», «Tre Penne»—«Breidablik» duşuşyklarynyň ýeňijileri 30-njy iýunda finalda duşuşar. Finalyň ýeňijiside 1-nji saýlama tapgyrynda Irlandiýanyň çempiony «Şamrok Rowers» bilen güýç synanyşar. 1-nji saýlama tapgyrynda Wengriýanyň «Ferenswaroş» topary Farer adalarynyň «Klakswik» topary bilen, Gazagystanyň «Astana» kluby-da Gruziýanyň «Dinamo Tbilisi» kluby bilen duşuşar. 1-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary — 1-nji oýunlar 11–12-nji iýulda oýnalsa, jogap duşuşyklary 18–19-njy iýulda geçiriler. 2-nji saýlama tapgyrynyň bijeleri-de çekilip, — «Kopengagen», «Molde», «Galatasaraý», «Dinamo Zagreb», «Aris Limassol», şol sanda «Genk», «Panatinaikos», «Dnepr–1», «Serwette» ýaly klublar bu tapgyrda ýaryşa goşularlar. 2-nji saýlama tapgyrynda «Galatasaraý» topary «Žalgiris»—«Struga» toparlaryndan haýsy hem bolsa biri bilen duşuşar. «Kopengageniň» garşydaşy-da «Şamrok Rowers» ýa-da deslapky tapgyryň ýeňijisi bolar. «Dinamo Zagreb» hem «Astana»–«Dinamo Tbilisi» duşuşygyň ýeňijisi bilen güýç synanyşarlar. Şeýle-de, çempion däl toparlaryň bijesinde «Dnepr-1» bilen «Panatinaikos», «Serwette» bilenem «Genk» bije çekişdi. 2-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary 25–26-njy iýulda, 1–2-nji awgustda oýnalar. 3-nji saýlama tapgyrynyň bijeleri 24-nji iýulda çekiler, duşuşyklar 8–9-njy hem-de 15-nji awgustda oýnalar. Şonuň ýaly bijeleri 7-nji awgustda çekiljek pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary 22–23-nji hem-de 29–30-njy awgustda geçiriler. Toparçalaryň bijeleri 31-nji awgustda çekilip, duşuşyklara-da 19-njy sentýabrda badalga berler.

**2023/24 möwsüminde UÇL-niň toparçalarynda çykyş etjek klublar:**

**ANGLIÝA:** «Mançester Siti», «Arsenal», «Mançester Ýunaýted», «Nýukasl»
**ISPANIÝA:** «Barselona», «Real Madrid», «Atletiko Madrid», «Real Sosiedad», «Sewilýa»
**GERMANIÝA:** «Bawariýa», «Borussiýa Dortmund», «Leipsig», «Union Berlin»
**ITALIÝA:** «Napoli», «Lasio», «Inter», «Milan»
**FRANSIÝA:** «Pari Sen-Žermen», «Lans»
**PORTUGALIÝA:** «Benfika», «Porto»
**NIDERLANDLAR:** «Feýenoord»
**AWSTRIÝA:** «Red Bull Salsburg»
**ŞOTLANDIÝA:** «Seltik»
**SERBIÝA:** «Srwena Zwezda»
**UKRAINA:** «Şahtýor Donesk»

**1-nji saýlama tapgyryň bijeleri:**

«BK Haken» (Şwesiýa)—«Nýu-Seýnts» (Uels)
«Ballkani» (Kosowo)—«Ludogores» (Bolgariýa)
«Şamrok Rowers» (Irlandiýa)—deslapky saýlama tapgyrynyň ýeňijisi
«Žalgiris» (Litwa)—«Struga» (D. Makedoniýa)
«Klakswik» (Farer adalary)—«Ferenswaroş» (Wengriýa)
«Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa)—«Walmiera» (Latwiýa)
«HJK Helsinki» (Finlýandiýa)—«Larne» (Demirgazyk Irlandiýa)
«Linkoln Red Imps» (Gibraltar)—«Garabag» (Azerbaýjan)
«Rakuw» (Polşa)—«Flora» (Estoniýa)
«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)—«Swift Hesper» (Lýuksemburg)
«Farul Konstanta» (Rumyniýa)—«Şerif» (Moldowa)
«Hamrun Spartans» (Malta)—«Makkabi Haifa» (Ysraýyl)
«Urartu» (Ermenistan)—«Zrinýski» (Bosniýa we Gersegowina)
«Partizani» (Albaniýa)—BATE (Belarus)
«Astana» (Gazagystan)—«Dinamo Tbilisi» (Gruziýa)

**2-nji saýlama tapgyryň bijeleri:**

«Žalgiris»/«Struga»—«Galatasaraý»
«Ballkani»/«Ludogores»—«Olimpiýa Lýublýana»/«Walmiera»
«Rakuw»/«Flora»—«Linkoln Red Imps»/«Garabag»
«Klakswik»/«Ferenswaroş»—«BK Haken»/«Nýu-Seýnts»
«HJK Helsinki»/«Larne»—«Molde»
«Şamrok Rowers»/DST-yň ýeňijisi—«Kopengagen»
«Farul»/«Şerif»—«Hamrun»/«Makkabi H.»
«Aris»—«Partizani»/BATE
«Urartu»/«Zrinýski»—«Slowan Bratislawa»/«Swift Hesper»
«Dinamo Zagreb»—«Astana»/«Dinamo Tbilisi»

### ÇEMPIONYŇ NOBATDAKY ÝEŇŞI

● Moto GP boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Niderlandlaryň Assen şäherinde geçirildi. Ýaryşda 26 aýlawy 40 minut 37,640 sekuntda tamamlan «Ducati Lenovo» toparynyň italiýaly sürüjisi, häzirki çempion Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 4-nji, karýerasyndaky 15-nji ýeňşi boldy.



Ýaryşda başga bir italiýaly sürüji, «Mooney VR46 Racing» toparynyň piloty Marko Bezzekki 2-nji orny eýeledi. Ol ýeňijiden 1,223 sekunt yza galdy. Bezzekki bu «Gran Priniň» çäginde geçirilen sprint ýaryşynda Banaiadan öňe saýlanmagy başardy. «Aprilia» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Aleiks Espargaro bolsa ýeňijiden 1,925 sekunt yza galyp, 3-nji orny eýeledi.

Geçiren 8-nji bäsleşikden soň Banaia 194 utuk bilen sanawyň başyny çekmegini dowam edýär. 2–3-nji ýerlerdäki sürüjileriň — Horge Martin bilen Marko Bezzekkiniň degişlilikde, 159 hem-de 158 utuklary bar. Möwsümiň 9-njy ýaryşy 1,5 aýa golaý soň, ýagny 6-njy awgustda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.

### «TOYOTA GAZOO» TOPARYNYŇ SÜRÜJILERI ÖŇE SAÝLANDY

● Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 7-nji ýaryşy Keniýada geçirilip, «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiji boldy. Ol ýaryşy 3 sagat 30 minut 42,5 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 58-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda 2-3-nji ýerleri-de «Toyota Gazoo» toparynyň sürüjileri eýeläp, ýeňijiden 6,7 sekunt yza galan finlýandiýaly Kalle Rowanpera 2-nji, 2 minut 58,5 sekunt soň pellehana gelen britaniýaly Elfin Ewans 3-nji orna mynasyp boldy. Bu ýaryşdan soň



çempion Rowanpera utugyny 139-a çykaryp, öňdeligini saklamagy başardy. 2-nji ýerdäki Ewansyň 99, 3–4-nji orunlardaky Ožie bilen Ott Tanagyň 98 utugy bar. Indiki ýaryş 20-23-nji iýulda Estoniýada geçiriler.

### ILKINJI ALTYN MEDAL

● Ysraýyl bilen Sloweniýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky basketbol boýunça 39-njy Ýewropa çempionatynda Belgiýanyň ýygyndysy çempion boldy. Lýublýana şäherinde oýnalan finalda Ispaniýanyň ýygyndysyny 64:58 hasabynda ýeňen Belgiýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek çem-



pionlyk gazanmagy başardy. Duşuşykda Emma Meesseman 24 utuk geçirdi. Ol çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip hem saýlandy.

3-nji ýer üçin oýunda Fransiýanyň ýygyndysy Wengriýadan 82:68 hasabynda üstün çykyp, 2-nji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

## Transfer täzelikleri

› Niderlandlaryň ozalky meşhur futbolçysy Patrik Kluwertiň ogly Jastin Kluwert Angliýanyň «Premier Ligasynyň» «Bornmut» toparyna transfer boldy. 24 ýaşyndaky ýarymgoragçy iňlis kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Bornmut» topary Kluwertiň transferi üçin «Roma» toparyna 11+1 million ýewro berer. 2018-nji ýylda «Aýaksdan» «Roma» transfer bolan Kluwert 2 möwsüm italýan klubunda oýnanyndan soň soňky 3 möwsümi başga klublarda — «Leipsigde», «Nissada» hem-de geçen möwsüm «Walensiýada» kärendesine geçirdi. Jastin Kluwert «Bornmut» bilen «Premier Ligada» ilkinji duşuşygyny geçiren güni ol Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda-da çykyş eden 4-nji futbolçy bolar. Ondan öň bu ugurda rumyniýaly Florin Raduçoýu, daniýaly Kristian Poulsen hem-de garadagly Stewan Ýowetiç bar.



› «Borussiýa Dortmundyň» asly siriýaly futbolçysy Mahmud Dahud mundan soň karýerasyny «Premier Ligada» dowam etdirer. Esasy ýyldyzy Aleksis Mak Allisteri «Liwerpula» ugradan «Braýton» topary 27 ýaşyndaky germaniýaly futbolçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Nemes kluby bilen şertnamasy tamamlanan oýunçy üçin iňlis kluby transfer tölegini etmez. Mahmud dortmundlylaryň düzüminde 6 möwsümde 5 gol geçirdi. Ol futbola «Borussiýa M.» toparynda başlapdy.



› Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary Karim Benzemadyr N'Golo Kanteden soň portugaliýaly Ruben Neweşi hem transfer etdi. 26 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşan arap kluby oýunçynyň öňki klubuna – «Wulwerhempton» (Angliýa) toparyna 55 million ýewro töläř. 2017-nji ýylda «Portodan» «Wulwerhemptona» geçen Neweş iňlis klubunda 253 oýunda 30 gezek tapawutlandy.



## Toparlaryň täze tälimçileri

› Ispaniýanyň «Selta» topary Karlos Karwalhalyň ornuna meşhur hünärmen Rafael Benitesi tälimçilige belledi. «Walensiýa», «Liwerpul», «Inter», «Çelsi», «Napoli», «Real Madrid», «Nýukasl», «Ewerton» «Dalian Professional» (Hytaý) klublaryna tälim beren 63 ýaşyndaky ispaniýaly tälimçi wigolylar bilen iýul aýynda şertnama baglaşar. Tejribeli hünärmen «Liwerpul» bilen Çempionlar Ligasynyň kubogyny «Walensiýadyr» «Çelsi» bilenem UEFA Ýewropa Ligasynyň kubogyny hem asmana göteripdi. Benites «Walensiýa» bilenem «La Ligada» 2 gezek çempionlyk gazanypdy.



* * *

› Fransiýanyň çempionatynda möwsümi 3-nji orunda tamamlan «Marsel» topary Igor Tudoryň ornuna ispaniýaly Maselinony tälimçi edip belledi. 57 ýaşyndaky hünärmen öňümizdäki günlerde «Marsel» topary bilen şertnama baglaşar. Soňky sapar «Atletik Bilbao» toparyna tälim beren tejribeli tälimçi «Sporting Gihon», «Rekreatiwo Huelwa», «Rasing Santander», «Real Saragosa», «Sewilýa», «Wilýarreal» hem-de «Walensiýa» toparlarynda işläpdi.



* * *

› Tälimçisi Enj Postekogluny «Tottenham» toparyna ugradan «Seltik» klubunyň täze tälimçisi mälim edildi. Şotland kluby ozalky tälimçisi Brendan Rojersi tälimçilige belledi. 50 ýaşyndaky tälimçi «Seltik» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Aprel aýynda «Lester Sitidäki» wezipesinden boşadylan demirgazyk irlandiýaly hünärmen 2016-2019-njy ýyllar aralygynda «Seltige» tälim beripdi. Ol glazgolylar bilen Şotlandiýada 2 çempionlyk gazanypdy.



* * *

› Angliýanyň «Premier Ligasyndan» aşaky liga düşen «Lester Siti» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. «Mançester Sitiniň» tälimçisi Pep Guardiolanyň kömekçisi Enzo Mareska «Lester» toparyna tälim berer. 43 ýaşyndaky italiýaly hünärmen «Lester» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Mareska mundan öň 2021-nji ýylda «Parmanyň» tälimçisi bolupdy. Ol «Askoli», «Sewilýa», «West Ham» toparlarynda-da tälimçiniň kömekçisi bolup iş alyp barypdy.







«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmen halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze, belent sepgitlere ýetjekdigine berk ynanýar. Goý, Siziň amala aşyrýan tutumly işleriňiziň dowamaty-dowam bolsun!

**Gahryman Arkadagymyz!** Size berk jan saglygyny, ömrüňiziň uzak bolmagyny, alyp barýan asylly işleriňiziň hemişe rowaçlanmagyny arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



nowa®
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyz sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýä ýüzündäki abraýyny berkidýär.

**Gahryman Arkadagymyz!** Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

Zehinli iş

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Türkmenistan bu gün döwletliligini berkitmek, raýatlarynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de halkara giňişlikde abraýyny artdyrmak ýolunda täze sepgitlere çykýar. Ýurdumyzda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurduň ähli künjeklerinde oňyn özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa halkymyzyň bagtyýarlygynyň, ýurduň abadançylygynyň baş binýady bolup durýar. Garaşsyz Türkmenistanyň nurana geljegine gönükdirilen bu tutumly işler ýurdumyzyň ösüşleriň täze belentliklerine çykmagyny üpjün edýär. Şu şatlykly günde Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň abadançylygyny we bagtly durmuşyny, röwşen geljegini üpjün etmäge gönükdirilen asylly işleriňizde üstünlikler arzuw edýäris! Goý, ýurdumyz gülläp össün, halkymyz eşretli durmuşda ýaşasyn!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Sizi ýene-de bir gezek doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

Miweli Ülke

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siz syýasat äleminde ýiti pähim-paýhasly, öňdengörüji, adyl hem ynsanperwer syýasy Lider hökmünde tanaldyňyz. Dünýäde parahatçylygyň, asudalygyň tarapynda durýan umumadamzat bähbitli alyp baran işleriňize dünýä jemgyýetçiligi ýokary baha berýär.

**Gahryman Arkadagymyz!**

«Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäňiz bilen Türkmenistanyň her bir raýaty üçin edýän aladalaryňyzyň netijesinde, mert we merdana, agzybir halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eşretli durmuşda ýaşaýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda halal zähmet çekýändigimize we zähmet çekjekdigimize bolan begenjimiz, Size bolan buýsanjymyz bimöçberdir.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Sizi doglan günüňiz bilen ýene bir gezek gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür, ýurt asudalygyny, alyp barýan ynsanperwer işleriňizde üstünlik arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRİ

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe rowaçlyklaryň ýaran bolmagyny, işleriňizde uly üstünliklere eýe bolmagyňyzy arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

**НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК
МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА
ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Мяликгулыевич!**

Сердечно поздравляем Вас с днем рождения!

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства ведутся масштабные работы, благодаря которым в политической, экономической, культурной жизни страны происходят огромные перемены исторической значимости.

Пользуясь этой возможностью, желаем Вам доброго здоровья и долголетия, вдохновения и успехов!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании
«EDC ROMFOR LIMITED».**

«Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri türkmen topragyna egsilmez bagt, kalplarymyza buýsanç getirýär.

Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, alyp barýan işleriňiz mundan beýläk-de rowaç bolsun! Türkmen halky hemişe abadan we bagtyýar durmuşda ýaşasyn!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

**«ÇEPER GURLUŞYK» H. K.**

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Size doglan günüňiz mynasybetli iň mähirli gutlaglarymyzy iberýäris!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eşretli durmuşda ýaşaýan bagtyýar halkymyzyň, bedew bady bilen barha öňe barýan Watanymyzyň her bir güni toýbaýramlara beslenýär. Goý, ýurdumyzda tutulýan toýlar toýa ulaşsyn! Siziň başyňyz dik, janyňyz sag, işleriňiz rowaç bolsun!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr!» ýörelgeleriniň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Bu ýörelgelerden ugur alnyp, ýurdumyzyň ähli ýerinde halkymyzyň bagtyýar durmuşy ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegine, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan önümçiligiň geriminiň has-da giňeldilmegine, ýurdy senagatlaşdyrmak babatda edilýän giň gerimli işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berilýär.

Ajaýyp üstünlikleriň we zähmet ýeňişleriniň gazanylýan ýurdunda dünýäde öňdebaryjy orny eýelemegi şertlendirýän giň gerimli demokratik özgertmeler amala aşyrylýar. Häzirki döwrüň möhüm wezipelerini çözmek boýunça başlangyçlar ýurdumyza uly meşhurlyk getirdi.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk we ähli gowulyklary arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk we uly üstünlikler arzuw edýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň Türkmenistanyň ykdysadyýetini has-da ösdürmäge hem-de halkara gatnaşyklarynda abraýyny berkitmäge gönükdirilen başlangyçlaryňyz dünýä jemgyýetçiliginiň gyzgyn goldawyna eýe bolýar. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäňiz üçin halkymyz Size buýsanýar we guwanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli künjeginde oňyn özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Biz hem ähli işgärlerimiz bilen bilelikde amala aşyrylýan işlere özümiziň goşandymyzy goşýandygymyza buýsanýarys. Şeýle ajaýyp döwri halkymyza peşgeş berendigiňiz üçin Size alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Sizi Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň şanly wakasy bolan mübärek doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size bagtyýarlyk hem-de rowaçlyk, halkymyza bolsa parahatçylyk we abadançylyk arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Türkmenbaşy jins toplumynyň zähmetsöýer, agzybir işgärleriniň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr!» ýörelgeleriniň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz durmuşyň ähli ugrunda uly üstünliklere eýe bolýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Türkmenbaşy jins toplumynyň işgärleri ýurdumyzda ähli ugurda alnyp barylýan syýasatlary tüýs ýürekden goldaýarlar. Olar şanly wakalara beslenýän üstümizdäki ýylda hem eşretli durmuşyň hözirini görüp, dokma toplumynyň işgärleriniň öňünde goýlan belent maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin joşgunly zähmet çekýärler.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Sizi ýene bir gezek doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan gyzgyn gutlaýarys we iň gowy arzuwlarymyzy Size ýetirýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr!» ýörelgelerinden ugur alnyp, ýurdumyzyň ähli ýerinde uly tutumlar durmuşa geçirilýär. Türkmenistan Watanymyzyň her bir güni ýatdan çykmajak wakalara beslenýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, şäher we oba ýerlerini ösdürmek, ýurdy senagatlaşdyrmak, ulag-logistika düzümlerini döretmek boýunça ägirt uly taslamalar amala aşyrylýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň belent başyňyz aman, işleriňiz rowaç bolsun! Size berk jan saglyk, Türkmenistanyň ähli halkyna bolsa parahatçylygy we mundan beýläk-de gülläp ösmegi arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

BOUYGUES TÜRKMEN

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY,
JENAP GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan jenap Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys, Size berk jan saglyk, türkmen halkyna bolsa bagt we abadançylyk arzuw edýäris.

Size mahsus bolan edermenlik, strategiki pikirlenmek we ýolbaşçy hökmünde zehiniňiz köp ýyl bäri halkara giňişliginde Türkmenistanyň döwletliligini, ykdysady mümkinçiligini we abraýyny has-da berkitmekdäki asylly işlere hyzmat edýär.

Türkmenistanyň bagtyýar ösüşi üçin amala aşyrýan beýik işleriňiziň ählisinde üstünlik arzuw edýäris! Goý, Siziň synmaz ynamyňyz we tükeniksiz gujur-gaýratyňyz öňde goýlan maksatlara ýetmäge kömek etsin.

**Çuňňur hormatlanýan jenap Gurbanguly Mälikgulyýewiç, biziň Size belent hormat goýýandygymyz baradaky ýnandyrmalarymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris.**

**«BUIG TÜRKMEN»
şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**НАЦИОНАЛЬНОМУ ЛИДЕРУ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЮ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА,
ГОСПОДИНУ ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Господин Гурбангулы Мяликгулыевич!**

Позвольте передать наши самые тёплые поздравления по случаю Вашего дня рождения и пожелать наикрепчайшего здоровья Вам, а всему туркменскому народу счастья и благополучия.

Присущие Вам решительность, стратегическое мышление и талант руководителя многие годы служат благородному делу укрепления государственности, экономического потенциала и авторитета Туркменистана на международной арене.

Мы желаем Вам успехов во всех грандиозных трудах, которые Вы день за днем совершаете на благо Туркменистана! Пусть Ваши оптимизм и неиссякаемая внутренняя энергия помогают Вам в достижении поставленных целей.

**Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Гурбангулы Мяликгулыевич, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

**Руководство и сотрудники компании
«BOUYGUES TURKMEN».**

CNPC

**НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА
ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Мяликгулыевич!**

Примите самые тёплые поздравления по случаю Вашего дня рождения. Искренне желаем Вам, чтобы всегда были успешными все Ваши великие конструктивные инициативы, направленные на дальнейшее процветание Независимого, Нейтрального Туркменистана!

Под Вашим мудрым руководством Туркменистан добился весомых успехов во всех сферах. Нас очень радует, что в результате комплексных реформ в стране повсеместно повышается уровень жизни населения, проводится огромная созидательная работа, возводятся крупные современные инфраструктурные объекты.

В последние годы в городах и сёлах Туркменистана осуществляются широкомасштабные преобразования. При этом большое внимание уделяется созданию благоприятных условий для проживания, труда и отдыха населения, что находит своё выражение в главном принципе «Государство – для человека!».

В прошлом году Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов участвовал в торжественной церемонии открытия газосборной станции «Gadyn», расположенной на территории Фарабского этрапа Лебапского велаята. Этот проект успешно реализован Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорацией «Интернационал Лтд.» (CNPC). Наша компания в будущем приложит все усилия для устойчивого долгосрочного взаимодействия в газовой сфере и сотрудничества в других областях.

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с днём рождения! Желаем Вам, крепкого здоровья и успехов в деятельности во имя процветания страны, а дружественному народу Туркменистана – мира и дальнейшего прогресса.

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,
Генеральный директор филиала
Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации
«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

AJAÝYP BINA

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, ykdysady kuwwatynyň artmagyny arzuw edýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Garaşsyz ýurdumyzyň sarsmaz binýadyny gurandygyňyz, halkymyzy bagtyýarlyk döwrüne, ajaýyp zamana ýetirendigiňiz üçin halkymyzyň Size guwanjynyň çägi ýokdur. Ösüşiň täze tapgyryna gadam basylmagy halkymyzyň agzybirligini, Siziň ähli başlangyçlaryňyzyň doly goldawa eýe bolýandygyny görkezýär, öňde goýlan belent wezipelere mundan beýläk-de üstünlikli ýetiljekdigine çäksiz ynamy döredýär.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň eşretli ýaşaýşyna, ajaýyp döwrümiziň ýyl-ýyldan artýan abraýyna diýseň guwanýarys! Şeýle beýik döwletiň eýesidigine halkymyz buýsanmaga haklydyr. Dünýä ösüşinde halkymyz öz ýoluny tapdy. Ol mukaddes ýol gözbaşyny Siziň çuň paýhasyňyzdan alyp gaýdýar.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Size berk jan saglygyny, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

**BANK SADERAT IRAN
Ashgabat branch**



**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Sizi ähli işgärlerimiziň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden we gyzgyn gutlaýarys!

Ýurtda alnyp barylýan oýlanyşykly, geljegi nazarlaýan syýasatyň netijesinde Türkmenistan hemmetaraplaýyn ösýär hem-de dünýädäki abraýy artýar. Dürli ulgamlarda uly özgertmeler amala aşyrylyp, üstünlikler gazanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýetilýän sepgitler her bir türkmenistanlynyň buýsanjyna buýsanç goşýar, türkmen halky bagtly döwürde ýaşaýar.

Alnyp barylýan içeri we daşary syýasatyň netijesinde Türkmenistanyň dünýä döwletleri we iri halkara guramalar bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barha täze derejelere çykýar. Garaşsyz hem-de hemişelik Bitarap Türkmenistan indi ençeme gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň wisebaşlyklygyna, bu iri halkara guramanyň abraýly düzümlerine saýlanyldy.

**Hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç, abraý-mertebäňiz mundan hem belent, beýik maksatlaryňyz hasyl bolsun!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Sizi türkmen halkynyň ajaýyp toý-baýramyna öwrülen şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Türkmenistan sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýä ýüzündäki abraý-mertebesini barha berkidýär.

Sizi şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz has-da belent bolsun! Size türkmen halkynyň nurana geljeginiň bähbidine amala aşyrýan beýik we tutumly işleriňizde rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.»
kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА
ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Мяликгулыевич!**

Сердечно поздравляем Вас со ставшим для всего народа страны знаменательным праздничным событием – днем рождения!

Туркменистан уверенно идет по пути динамичного развития и процветания, активно укрепляет свой авторитет в мире.

Еще раз сердечно поздравляем Вас с замечательным событием – днем Вашего рождения! Желаем Вам доброго здоровья, долголетия и новых больших успехов в Вашей грандиозной деятельности во имя светлого будущего мужественного народа страны!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании
«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.».**

HUAWEI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! **«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»** kompaniýasynyň ähli işgärleriniň adyndan Size berk jan saglygyny, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň we ähli türkmen halkynyň ýagty geljegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Siziň oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasatyňyz türkmen döwletiniň hemmetaraplaýyn ösüşiniň hem-de ösüp barýan halkara abraýynyň ygtybarly binýadyna öwrüldi. Türkmenistanda uly üstünlikler we zähmet ýeňişleri gazanylýar, ýokary depginli ösüşleri nazarlaýan giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size hem-de ähli türkmen halkyna abadançylyk we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА,
ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА
ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Гурбангулы Мяликгулыевич!**

Сердечно поздравляем Вас с днем рождения! От имени всего коллектива **«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»** желаем Вам наикрепчайшего здоровья, новых успехов на Вашем светлом пути, еще больших свершений на благо Нейтрального Туркменистана и всего туркменского народа.

Ваша взвешенная и дальновидная политика стала надежной платформой для всестороннего развития государства и его растущего международного авторитета. В Туркменистане, добивающемся успехов и трудовых побед, планомерно осуществляются широкомасштабные социально-экономические преобразования, обуславливающие его динамичное развитие.

Еще раз от всего сердца поздравляем Вас с днем рождения и желаем Вам и всему туркменскому народу благополучия и процветания!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании
«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI,
TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWA
GAHRYMAN ARKADAGYMYZ!**

Sizi manyly ömrüňiziň şatlykly pursady bolan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň ähli pudagy boýunça uly ösüşler gazanylýar. Ýurdumyz sanlyja ýylyň içinde syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde hem-de halkara hyzmatdaşlygynda uly üstünliklere eýe boldy. Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmek ugrunda alnyp barylýan tutumly işler türkmen döwletiniň dünýädäki abraý-mertebesini gün geçdigiçe belende göterýär.

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäňiz esasynda ýurdumyzda adam hakyndaky alada elmydama üns merkezinde saklanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek barada uly işler alnyp barylýar. Size halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça alyp barýan işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

**Gahryman Arkadagymyz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň hemişe belent bolmagyny arzuw edýäris!

Doglan günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli
paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan
baş direktory Ý. GURATOW.**